# Şeýle gelipdir, şeýle gitmesin…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 24 января, 2025
Şeýle gelipdir, şeýle gitmesin… ŞEÝLE GELIPDIR, ŞEÝLE GITMESIN…

Ähli ejeler – ejeleriñ gözeli,
Sen – gözelleñ gözeli!
On üçde çykdyñ äre
Meni dogurdyñ on bäşde.
Ýigrimalty ýaşyñda
Dünýäden açdyñ ara.
Söýgi dolup-daşýan ýüregim üçin
Saña ömürbaky minnetdar, eje.
Ýeke suratyñam galmady mende
Günädi,
Surata düşmek-de küje.
Ne kino görüpdiñ, ne-de teatr.
Tok, yşykly gaz, suw, peç…
bularyñ,
Hiç birisi ýokdy
Zar bolduñ peje.
Ne deñze suwa düşdüñ
Ne okap-ýazybildiñ.
Gözel gözleñ,
Gara bürenjegiñ añyrsyndan bakdy dünýä.
Ýigrimalty ýaşyñda
Ölüp gitdiñ ýaşaman…
Ejeler indi ýaşamazdan ölmeli däl…
Şeýle gelipdir,
Emma şeýle gitmeli däl!

Eziz NESIN.

Terjime eden: Has TÜRKMEN. Goşgular